Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna
### на 1 апреля 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY

DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE MAÝA GOÝUMLARYŇ ÄHMIÝETI
3

BANK ULGAMYNYŇ MILLI YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDÄKI ORNY
6

BANK ULGAMYNY SANLYLAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI
9

ÝURDUMYZDA ELEKTRON RESMINAMA DOLANYŞYGYNY ÖSDÜRMEGIŇ WAJYPLYGY
11

NAGT DÄL HASAPLAŞYKLAR ULGAMY KÄMILLEŞDIRILÝÄR
13

BANK HYZMATLARY BAZARYNYŇ DÖWREBAPLAŞDYRYLMAGY
16

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
19

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
21

## SELJERIŞ MAKALALARY

# DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE MAÝA GOÝUMLARYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan il-ýurt bähbitli özgertmeler, ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmäge we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary Milli Liderimiziň başyny başlan, Arkadagly Serdarymyz tarapyndan amala aşyrylýan düýpli özgertmelere beslenip üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Ähli ulgamlar bilen bir hatarda bank ulgamyny ösdürmek ýurdumyzyň ykdysady strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biridir. Häzirki wagtda berkeýän bazar gatnaşyklarynyň we giň gerimli özgertmeleriň şertlerinde banklaryň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny üpjün etmäge «Türkmenistanyň bank ulgamyny 2011-2030-njy ýyllarda ösdürmegiň Döwlet maksatnamasy» uly goşant goşýar.

Agzalan maksatnamanyň birinji tapgyrynda durmuşa geçirilen işleriň çäklerinde Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky döredilip, 2011-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň ak patasy bilen bank öz işjeňligine başlady. Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň esaslyk maýasy Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna emele getirilip, bankyň öňünde Döwlet maksatnamalarynda göz öňünde tutulan maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek wezipesi goýuldy we taslamalar üçin jemi 174 sany karz ugry açylyp, jemi 20 mlrd manatdan gowrak möçberde berlen karz serişdeleri dolandyryldy.

Hökümetiň kabul eden çözgütleri esasynda Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna dürli ugurlar boýunça maliýeleşdirilen uly möçberli maýa goýum taslamalary agzalmaga mynasypdyr.

Hazar deňziniň ekologiýa taýdan iň arassa türkmen kenarynda döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky gurluşyklara iri maýa goýum serişdeleri goýuldy. Has anygy:

- ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň buýurmalary esasynda gurlup ulanmaga berlen häzirki zaman sagaldyş merkezlerini we döwrebap kottejler toplumyny;
- oba hojalyk toplumyna degişli ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan gurlan oýun attraksionly seýilgähi;
- gurluşyk we energetika toplumyna degişli ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan baş buýrujy hökmünde Aşgabat şäheriniň häkimliginiň çykyş etmeginde gurlan bäş ýyldyzly myhmanhanany agzamak bolar.

Saglygy goraýyş we derman senagatynyň yzygiderli ösmegi, raýatlarymyzyň ýokary hilli, howpsuz, saglyk maksatly serişdeler bilen üpjünçiligini mundan beýläk hem gowulandyrmak, bu pudaga täze innowasiýalary ornaşdyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky tarapyndan uzak möhlete ýeňillikli şertlerde birnäçe karz serişdeleri berildi.

Aşgabat şäherinde bina edilen Stamotologiýa merkezi, Aşgabat şäherinde kuwwatlylygy ýylda 10 mln gap bolan Infuzion erginleri öndürýän derman kärhanasy, Aşgabat şäherinde, Balkan we Daşoguz welaýatlarynda halkara ölçeglerine laýyk gelýän täze gurlan derman senagaty kärhanalary, Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň S.A.Nyýazow adyndaky Halkara saglygy goraýyş merkezini döwrebaplaşdyrmak we onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny giňeltmek we 120 orunlyk täze binasynyň gurluşygy, şeýle hem Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Baş dermanhana birleşiginiň döwrebap ammaryny gurmaklyga

gönükdirilen karzlar muňa anyk mysallardyr.

Aziýa bilen Ýewropanyň çatrygyndaky juda amatly ýerde ýerleşen Türkmenistan, häzir gadymy «Beýik Ýüpek ýoluny» gaýtadan döwrebap derejede dikeltmeklige işjeň gatnaşýar. Döwlet Maksatnamalaryna laýyklykda ulag toplumynyň ösüşini kämilleşdirmek, ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak boýunça hyzmatlary dünýä derejesine ýetirmek maksady bilen, ulaglaryň dürli görnüşleri yzygiderli satyn alynýar. Bank tarapyndan ýurdumyzyň ministrliklerine we pudak edaralaryna karz ugurlary açylyp:

- howa gämileriniň düzümini yzygiderli döwrebaplaşdyrmak we ýolagçylara edilýän hyzmatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, «Türkmenhowaýollary» agentliginiň «Boeing» kompaniýasyndan «Boeing-777-200LR», «Boeing – 737-800» kysymly uçarlaryň satyn alynmagyna;

- ýurdumyzyň demir ýol ulaglary pudagynyň öňünde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmek, maksady bilen, demir ýollarynyň gurluşyklary üçin we teplowozlary hem-de dürli görnüşli wagonlary satyn almaklyga;

-«Türkmenawtoulaglary» agentliginiň «Hyundai» şäherara awtobuslaryny satyn almaklyga we Aşgabat şäherinde Halkara derejeli ýolagçy awtomenzilini gurmaklyga niýetlenen taslamalary maliýeleşdirildi.

Milli ykdysadyýetimiziň pugtalanmagynda hem-de pajarlamagynda täze hem çalt ösýän dokma senagatynyň ornunyň uludygy hemmämize mälimdir. Şeýlelikde, bank tarapyndan Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligine Ruhabat dokma toplumynyň we boýag fabriginiň, Abadan şäherindäki pagta egriji fabrigiň ikinji nobatdakysynyň gurluşygyna, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki pamyk egriji fabrigiň durkuny we tilsimat enjamlaryny täzelemeklige, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda hem-de Lebap welaýatynyň Seýdi şäherinde pagta egriji fabriklerini gurmaklyga karz serişdeleri berildi.

Senagat pudagynyň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmaklyk maksady bilen «Türkmenhimiýa» döwlet konsserniniň karbamid öndürýän iri zawodlarynyň we kükürt kislotasyny öndürýän sehiniň gurluşyklary hem uzak möhletli ýeňillikli karzlaryň hasabyna maliýeleşdirildi. Ýurdumyzda ýaşaýyş-durmuş maksatly alnyp barylýan gurluşyklarda zerur bolan önümleri öndürýän zawodlaryň durkuny täzelemek maksatlary üçin Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligine hem karz ugurlary açyldy.

Ýurdumyzyň söwda we hyzmatlar ulgamynda täze sepgitlere ýetilip, birnäçe iri taslamalar amala aşyryldy we dowam etdirilýär. Bank tarapyndan bu ugra gönükdirilen karzlaryň hatarynda, Merkezi Aziýada iri merkezleşdirilen söwda toplumy bolan «Altyn asyr» gündogar bazaryny, welaýat merkezlerinde gurulan döwrebap, köpugurly söwda bazarlaryny, Daşoguz we Mary welaýatlarynda gurlan 350 orunlyk myhmanhanalary, Aşgabat şäherindäki «Owadan» hyzmat ediş öýüniň gurluşyklaryny agzamak bolar.

Türkmenistan häzir ýurtda diňe bir azyk howpsuzlygyny üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem oba hojalyk önümleriniň birnäçe görnüşlerini dünýä bazaryna eksport hem edýär. Şunda döwrebap maldarçylyk toplumlaryny gurmak ýurtda azyk bolçulygyny döretmegiň esasy binýatlaryň biridir. Şeýlelikde, Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynda maldarçylyk toplumynyň we Balkan welaýatynyň Bereket etrabynda hem-de Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynda guşçylyk toplumlaryny gurmak üçin ýeňillikli şertlerde berlen uzak möhletli karz serişdelerini agzamak ýakymlydyr.

Oba hojalyk pudagynda hem birnäçe möhüm desgalaryň gurluşyklary ýeňillikli karzlaryň hasabyna maliýeleşdirilip guruldy. Olaryň hatarynda Türkmenistanyň Oba hojalyk we

daşky gurşawy goramak ministrliginiň gallany gaýtadan işleýän kärhanalaryny we pagta arassalaýjy kärhanalaryny bellemek bolar.

Aziýanyň merjeni hökmünde ykrar edilen Aşgabatda ministrlikleriň we pudak edaralarynyň işgärleri üçin oňaýly iş şertlerini döretmek hem-de gözel paýtagtymyzyň binagärlik keşbini ösdürmek maksady bilen tutumly çäreler amala aşyrylýar. «Türkmendemirýollary» agentliginiň, «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmalary esasynda gurlan edara binalarynyň gurluşyklary hem ýeňillikli karzlaryň hasabyna maliýeleşdirildi.

Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky tarapyndan maliýeleşdirilen has iri taslamalaryň biri hem, «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň buýurmasy esasynda Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda gurlan gaz turbinaly kiçi elektrik stansiýalaryny agzamak zerurdyr.

Ýurdumyzda maýa goýum syýasatyny durmuşa geçirmekde bank ulgamynyň aýratyn möhüm orun eýeleýändigini bellemek bilen, ýangyç-energetika, himiýa toplumynyň, senagat we oba hojalyk pudaklarynyň, gurluşyk toplumynyň, saglygy goraýyş pudagynyň ýaşaýyş durmuş we eksporta niýetlenen taslamalarynyň maliýeleşdirilendigi hem aýratyn bellärliklidir.

Ýurdumyzyň altyn gaznasyna deňelip, bildirilen ynama laýyklykda hususyýetçiler tarapyndan göz öňünde tutulan maýa goýum taslamalarynyň birnäçesi banklara karz serişdelerini ýerleşdirmek arkaly maliýeleşdirildi.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň importuň ornuny tutýan taslamalaryny maliýe taýdan goldamak üçin «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankyna jemi 600 mln manat möçberinde karz serişdeleriniň berilmegi netijesinde birnäçe iş ýerleri döredilip, bäsdeşlige ukyply önümleriň önümçiligi ýola goýuldy we hususy ulgamyň wekilleriniň ykdysadyýetimize mynasyp goşandy boldy.

Häzirki wagtda bank tarapyndan berlen karzlaryň netijeli dolandyrylmagy, berlen karzlaryň we olara hasaplanan göterimleriň tölenilişi, degişli hasaplarda ýöredilişi gözegçilikde saklanyp, buhgalter hasaplarynyň talaplary yzygiderli berjaý edilýär.

Bank tarapyndan sanly ykdysadyýete geçmek we buhgalter hasabyny talabalaýyk alyp barmak maksady bilen daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalary bilen işjeň aragatnaşyklar saklanyp, ornaşdyrylan döwrebap bank programma üpjünçiliginiň işjeňligini üpjün etmek we her ýylky audit barlaglaryny guramaçylykly geçirmek boýunça dowamly işler alnyp barylýar.

«Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» bellenilen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmegiň çäklerinde, bankyň maglumat ulgamlarynyň işjeňligini we kiberhowplardan goraglylygyny kämilleşdirmek boýunça netijeli işler alnyp baryldy. Bankda elektron resminama dolanyşyk ulgamyny ornaşdyrmak boýunça ýurdumyzyň «Türkmen-tranzit» kompaniýasynyň hödürlän hyzmatyndan peýdalanyp, ilkinjileriň hatarynda elektron resminama dolanyşygy programmasy işe girizildi.

Halkymyzyň eşretli durmuşda bolelin ýaşamagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän, şeýle hem bank ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmäge amatly şertleri döredip berýän hormatly Prezidentimize çäksiz alkyşlar aýdýarys. Goý, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Muhammetguly ANNAÝEW,**
Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň Taslamalary karzlaşdyryş müdirliginiň başlygynyň orunbasary – Döwlet taslamalaryny karzlaşdyryş bölüminiň başlygy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANK ULGAMYNYŇ MILLI YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDÄKI ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiziň has-da döwrebaplaşdyrylmagy, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegi, ýurdumyzyň ähli pudaklaýyn edara-kärhanalary bilen bir hatarda bank ulgamynda hem, ylmyň soňky gazananlaryny, döwrebap ösen innowasion sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy boýunça uly işler durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralarynda alnyp barylýan işleriň çäklerinde bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezilýär. Karz edaralaryň işiniň yzygiderli ösdürilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyply innowasion ösüşini üpjün etmegi, dünýä ykdysady giňişligine goşulyşmagy, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine ýetirmegi üçin wajyp bolup durýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuşy-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde, ykdysadyýetiň ähli pudaklary bilen bir hatarda karz edaralaryny sanly ulgama geçirmek, hormatly Prezidentimiziň ylmy taýdan esaslandyrylan ykdysady taglymatynyň aýrylmaz bölegidir.

Häzirki zaman bank hyzmatlarynyň, döwrebap elektron tölegleriň ornaşdyrmagynyň çaltlandyrmagy, nagt däl hasaplaşyk ulgamynyň has-da giňeldilmegi hem-de durnukly pul dolanyşygy üçin zerur bolan şertleriň döredilmegi bank ulgamyna ynamy we onuň özüne çekijiligini ýokarlandyrýar.

Şu nukdaýnazardan, bank hyzmatlary babatynda geçirilýän özgertmeleriň esasynda bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň täze derejä çykmagy, ilkinji nobatda bolsa, müşderilere hyzmat edilişiniň tizliginiň artdyrylmagy hem-de hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny peýdalanmak bilen, müşderileriň wagtynyň tygşytlanylmagy kanuny ýagdaýdyr.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde dünýä tejribesi bilen sazlaşýan bank kanunçylygynyň mizemez binýady emele geldi. Türkmenistanyň Esasy kanuny bolan, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 138-nji maddasynda hem: «Türkmenistanyň bank ulgamy Türkmenistanyň Merkezi bankyny we karz edaralaryny öz içine alýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny geçirmegi, nagt pul dolanyşygyny guramagy, hasaplaşyk-töleg ulgamynyň işlemegini, karz edaralarynyň algydarlarynyň we goýumçylarynyň bähbitlerini goramagy, şeýle hem Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň dolandyrylmagyny üpjün edýär we kanunda göz öňünde tutulan gaýry wezipeleri ýerine ýetirýär» diýlip bellenilýär.

Bank ulgamynyň işini kadalaşdyrýan ýurduň hereket edýän kanunçylygynyň üsti Esasy Kanundan gözbaşyny alýan, halkara hukugynyň umumykrar edilen kadalar bilen sazlaşýan, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» we «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» we başga-da ençeme Türkmenistanyň Kanunlary we birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalaryny gurşap alýar.

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işiniň, döwlet häkimýet edaralarynyň, karz edaralary bilen onuň özara gat-

naşyklarynyň hukuk, guramaçylyk we ykdysady esaslaryny kesgitleýär hem-de Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmäge we pugtalandyrmaga gönükdirlendir. Türkmenistanyň Merkezi banky, milli we dünýä ykdysadyýetindäki bolup geçýän özgertmeleri göz öňünde tutmak bilen, döwrüň talabyna laýyk gelýän pul-karz syýasatyny işläp düzýär we ony yzygiderli kämilleşdirýär. Bu bolsa öz gezeginde, pul toplumynyň düzümini kämilleşdirmäge, ykdysady ösüşde karz pullarynyň ornunyň we ähmiýetiniň ýokarlandyrylmagyny şertlendirýär. Şeýle hem, Kanunda ýeke-täk pul-karz syýasatyny geçirmek, nagt pul dolanyşygyny guramak, hasaplaşyk-töleg ulgamynyň netijeli işlemegini üpjün etmek Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy maksatlarynyň biridir, diýlip kesgitlenýär.

Kanuna laýyklykda, daşary ykdysady gatnaşyklarynda pul kadalaşdyrmasyny we pula gözegçiligini özbaşdak we bank ulgamynyň üsti bilen guramak hem-de amala aşyrmak, Türkmenistanyň çäginde nagt pul dolanyşygyny guramak esasy wezipeleriniň hatarynda kesgitlenýär.

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini diwersifikasyýalaşdyryp ösdürmekde, öňde goýlan sepgitlere üstünlikli ýetmekde döwlet maksatnamalarynyň ähmiýeti örän uludyr.

Hormatly Prezidentimiziň döwlet baştutanlygynda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» we «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» karz edaralarynda sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy babatynda kabul edilen iş meýilnamasy üstünlikli amala aşyrylýar.

Bu Maksatnamada we Konsepsiýada ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini has-da döwrebaplaşdyrmak hem-de bu ulgama halkara bank tejribesiniň iň öňdebaryjy usulyýetini, döwrebap ösen innowasion sanly tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün ertmek, sanly töleg ulgamlaryny mundan beýläk-de döwrebap kämilleşdirmek işleri baş wezipeleriň biri bolup durýar.

Bu durmuşa geçirilýän işleriň netijesinde programma-tehniki serişdeleri, sanly maglumat-aragatnaşyk serişdeleri we maglumat ulgamlary karz edaralaryna işjeň ornaşdyrylmagy bilen, onuň mümkinçiliklerinden bankyň müşderileri we ilat köpçüligi giňden peýdalanylýar.

Ýurdumyzyň karz edaralarynda ornaşdyrylýan sanly ulgamyň giňden peýdalanylmagynyň binýadynda, karzlary bermek, maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek we dürli tölegleriň çalt we özwagtynda geçirilmegini üpjün etmek, töleg-hasaplaşyk amallarynyň ähli görnüşlerini we nagt pul geçirimlerini gysga wagtyň içinde amala aşyrmak, bank kepilligini bermek ýaly bank hyzmatlaryny görkezmek bolar.

Karz edaralary müşderileriň banka bolan ynamyny has-da artdyrmak maksady bilen, pul-karz ulgamynyň işjeňligini ösdürmäge, goýum görnüşinde ilatdan çekilen erkin pul serişdeleriniň göterim derejelerini yzygiderli esasda artdyrmaga üns berýärler. Munuň özi karz edaralarynyň sanly innowasion, ösen döwrebap tehnologiýalara daýanýan bank hyzmatlaryny we önümlerini kämilleşdirmek arkaly, müşderileriniň sanyny artdyrmaga, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini has-da giňeltmäge we bar bolan harajatlary tygşytlamaga ýardam edýär hem-de puluň hereketine gözegçiligi ýola goýmaga we ýokary netijeli çözgütleri kabul etmäge amatlyklary döredýär.

Garaşsyzlygy ýyllary içinde işe girizilen «Altyn asyr» bank kartlarynyň, «Visa» we «Master Card» halkara töleg ulgamynyň usullarynyň ulanylmagy pul dolanyşygyny ösdürmegiň täze tapgyryna giň ýol açdy. Tölegler ulgamynda «Cash-back» bank hyzmatynyň girizilmegi bolsa, bu ugurdaky oňyn dünýä tejribesiniň ýurdumyzda giňden ornaşdyrylýandygyny görkezýär.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly amala aşyrylýan hyzmatlar karz edara-

laryny ilata has hem ýakynlaşdyrýar.

Karz edaralary tarapyndan müşderilere edilýän bu sanly bank hyzmatlary, müşderileriň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we pul serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Sanly innowasion ösen tehnologiýalaryň giňden peýdalanylmagy netijesinde bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmaga we müşderilere döwrebap bank hyzmatlaryny hödürlemäge giň mümkinçilikleri döredýär.

Ilata hödürlenilýän nagt däl hasaplaşyklaryň hilini ýokarlandyrmak we gerimini giňeltmek boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde, halkara tejribesinde giňden ýola goýlan we ýurdumyzda hem ornaşdyrmak boýunça synagdan geçen täze döwrebap bank önümi bolan, ýagny «QR-kod bank hyzmaty - galtaşyksyz töleg hyzmaty arkaly hasaplaşyklary ýerine ýetirmek ýola goýuldy.

Munuň özi, islendik satyn alnan harytlar, edilen işler we hyzmatlar üçin ykjam aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen tölegleri geçirip bolýandygyny aňladýar.

Ýurdumyzyň bank edaralarynda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy ulgamyň hyzmatlarynyň geriminiň giňelmegine ýakyndan ýardam berýär. Bu bolsa bank edralary tarapyndan bank müşderilerine tiz, amatly we has ýokary hilli hyzmatlary etmäge doly mümkinçilik döredýär.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynda milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmakda ýadawsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli durmuşa geçirýän işleriniň elmydama rowaç almagyny arzuw edýäris!

**Şemşat KIÇIGULOWA,**
**Güljan ATAÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň mugallymlary

# BANK ULGAMYNY SANLYLAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde Gahryman Arkadagymyzyň, Arakadagly Serdarymyzyň çuňňur oýlanyşykly syýasaty netijesinde ýurdumyzyň ykdysady ösüşi durnukly häsiýete eýe bolýar, onuň bäsdeşlige ukyby barha ýokarlanýar, dünýä döwletleriniň arasynda eýeleýän orny yzygiderli berkeýär. Döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem bank hyzmatlarynyň kämilleşdirilmegi we diwersifikasiýalaşdyrylmagy bolup çykyş edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ähli pudaklar bilen bir hatarda, bank ulgamynda hem durnukly ösuşi üpjün etmek, bank işjeňligini kämilleşdirmek we innowasion sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak bilen ilata ýokary hilli täze hyzmatlary hödürlemek ýaly möhüm işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda bank ulgamyny ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek, hödürlenýän bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak, töleg ulgamyny sanly ulgam arkaly ýeňilleşdirmek we täze kämil görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmek, ilata hödürlenýän bank hyzmatlaryny halkara derejelere çykarmak boýunça bank işiniň dürli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmak, abraýly halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek, ilatyň arasynda bu hyzmatlar bilen bagly mahabat düşündiriş işlerini alyp barmak boýunça uly öňegidişlikler gazanyldy.

Häzirki wagtda raýatlar tarapyndan karz almak üçin ýüz tutmalary «Online» görnüşinde kabul etmeklik hem ýola goýuldy. Alnyp barylýan işleriň çäklerinde ýurdumyzyň raýatlaryna hödürlenýän amatly karz hyzmatlarynyň biri-de «Owerdraft» atly bank karzydyr. Onda müşderiniň «Altyn asyr» aýlyk bank kartyndaky pul serişdesi ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, müşderiniň hyzmat edýän degişli bank bilen baglaşylan şertnama laýyklykda karz serişdesi berilýär.

Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «QR-kod», «Galtaşyksyz töleg» ulgamlary arkaly ýerine ýetirilýän amallaryň sany artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, şol sanda pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge we çaltlandyrmaga, tölegler geçirilende wagty tygşytlamaga oňaýly şertleri döredýär.

Nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek boýunça alnyp barylýan işleriň çäklerinde ýurdumyzyň käbir banklary tarapyndan galtaşyksyz töleg tehnologiýasy bilen işleýän bank kartlary hem ulanyşa göýeberildi. «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan raýatlarymyza bölek satuw we hyzmat ulgamlarynda «QR-kod» ulgamy arkaly hasaplaşyklary geçirmek boýunça mümkinçilik döredildi. Şeýle hem ýurdumyzyň karz edaralarynda ilata uzak aralykdan bank kartlaryny açmak, täzeden çap etmek boýunça arzalaryny elektron usulda kabul etmek we bu boýunça tölegleri online görnüşde tölemek, karz almaga isleg bildirýän raýatlara arzalary elektron görnüşde kabul etmek we müşderä onuň ýagadaýy barada online habar bermek hyzmaty, ýagny, «Online-kabulhana» döredildi.

Şeýle döwrebap işleriň geçirilmegi bank ulgamynda raýatlarymyza amatly mümkinçilikleri döredýän sanly bank amallarynyň görnüşiniň has-da artýandygyna şaýatlyk edýär. Işjeňligi bilen müşderileri özüne çekýän beýleki sanly bank hyzmatlary bolsa «Elektron gapjyk»

diýlip atlandyrylýar. Elektron gapjyk-bu nagt pullary ulanmazdan, karz edaralaryndaky hasaplar boýunça pul serişdeleriniň hereket edýän dolanyşygydyr, ýagny, nagt däl hasaplaşykdyr. Häzirki wagtda daşary ýurt tejribesinde hakyky wagt tertibinde degişli bankyň internet sahypasynyň üsti bilen kiçi möçberdäki tölegleri amala aşyrmak üçin «Elektron gapjyk» hyzmatynyň has giňden ulanylýan görnüşleri bar. Muňa mysal hökmünde «Web money», «Yandex money», «Qiwi wallet», «Perfect money», «Elecsnet», «Pay pal», «Payeer» we beýlekileri görkezip bolar. Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hem elektron töleg hyzmatlary arkaly ýerine ýetirilýän bank amallarynyň sany artdyrylýar, hili ýokarlandyrylýar. Mysal hökmünde «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň «Rysgal pay», Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň «Talyp tölegi» online hyzmatlaryny görkezmek bolar.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

Goý, ata Watanymyzy ösuşleriň röwşen ýoly bilen oňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli tutýan tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

**Gurbanbibi PÜRLIÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky
Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

# ÝURDUMYZDA ELEKTRON RESMINAMA DOLANYŞYGYNY ÖSDÜRMEGIŇ WAJYPLYGY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hilini has-da ýokarlandyrmak, milli ykdysadyýetimize sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyryp, elektron resminamalar dolanyşygyna hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamyna geçmek, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny döretmek, sanly aragatnaşyk babatynda şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmak boýunça anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Mälim bolşy ýaly, 2020-nji ýylyň mart aýynda «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu Kanun jemi 58 maddadan ybarat bolup, elektron resminamalaryň, elektron resminamalaryň dolanyşygynyň we sanly hyzmatlaryň hukuk ýagdaýyny, olara bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär hem-de bu çygyrda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Kanunyň hereketi elektron resminamalar döredilende, işlenip taýýarlanylanda, iberilende, berlende, alnanda, saklanylanda, peýdalanylanda, goralanda, täzelenende, gözlenende, ýygnalanda, ýaýradylanda, gabalanda, ýok edilende hem-de sanly hyzmatlar bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklara degişlidir.

Elektron resminama diýlip, şu Kanunyň maksatlary üçin maglumat tehnologiýalary esasynda elektron görnüşde taýýarlanylan, özündäki habar elektron maglumat görnüşinde bellenen, elektron maglumat göterijide elektron sanly şekilde berlen, mazmunly we elektron sanly gol arkaly hakykylygy tassyklanylan resminamalara düşünilýär. Kanuna laýyklykda elektron resminama aýrylmaz iki bölekden - umumy we aýratyn böleklerden ybaratdyr. Elektron resminamanyň umumy bölegi resminamanyň mazmunyny düzýän maglumatlardan, aýratyn bölegi bolsa bir ýa-da birnäçe elektron sanly gollardan ybaratdyr.

Elektron resminama dolanyşygy ýurdumyzyň ministrliklerinde, pudak edaralarynda we bank ulgamynda hem-de olaryň garamagyndaky edara-kärhanalarynda maglumat alyş-çalşygyny döwrebap guramagyň esasynda kagyz we elektron göterijilerde maglumat akymlarynyň netijeli usulyny saýlap almak we ulanmak, resminamalaryň goraglylygyny, ýaşyrynlygyny, bitewliligini we elýeterliligini üpjün etmek bolup durýar. Elektron resminamalary işläp taýýarlamak, bermek we almak, ibermek, saklamak, peýdalanmak, goramak, täzelemek we ýygnamak üçin ulanylýan programmanyň-tehniki serişdelere laýyklyk sertifikaty bolmalydyr.

Elektron resminama dolanyşygy gurnalanda ulanylýan programma-tehniki üpjünçiliklere we beýleki tehniki serişdelere, enjamlara aýratyn üns berilmegi wajypdyr. Gurnaljak tehniki serişdeler, enjamlar we olarda ulanyljak programma üpjünçilikleriniň kiberhowpsuzlygyň talaplaryny berk berjaý etmegi döwrüň talabydyr we munda ulanylýan programma üpjünçilikleriniň ähli taraplaýyn goragly bolmagy zerurdyr. Elektron resminamalaryň berilmegi içerki we daşarky görnüşlere bölünýär. Elektron resminamanyň gurluşy umumy we aýratyn böleklerden ybarat bolup durýar.

Elektron resminama bildirilýän birnäçe talaplar bardyr. Elektron resminama dolanyşygy hojalyk subýektleriniň arasyndaky baglaşylýan ylalaşyklarda bellenilen kadalara dogry gelme-

lidir. Şeýle hem, olary anyklamaklyga mümkinçilik berýän rekwizitleri bolmalydyr. Elektron resminamanyň düzüjisini anyklamaga mümkinçilik berýän usulda we görnüşde döredilmegi, peýdalanylmagy hem-de kabul edijiniň kabul etmegi üçin düşnükli görnüşde berilmegi hökmanydyr. Şeýlede ondan birnäçe gezek peýdalanmak mümkinçiliginiň elýeterli bolmagy, bitewliginiň üpjün edilen bolmagy hem-de saklanyş möhletiniň dowamynda goragly bolmagy wajyp bolup durýar.

Ýurdumyzda eýeçiligiň görnüşine garamazdan elektron resminama dolanyşygyny ornaşdyrmak arkaly, sanly hyzmatlar ulgamynda iş alyp barýan ýuridik we fiziki şahslar özleriniň iş tejribelerinde, iş ýerlerinde sanly hyzmatlary giňden ornaşdyrýarlar we halkymyza hyzmat edýärler.

Milli ykdysadyýetimiziň hojalyk subýektlerinde elektron resminama dolanyşygyny ornaşdyrylmagy bilen, sanly hyzmatlaryň ýerine ýetirmegi, özüniň oňyn netijelerini berýär. Sanly hyzmatlar ulgamynyň maksady, ilata hem-de kiçi we orta telekeçilik işini alyp barýanlara hem-de ilata hyzmatlaryň edilmeginiň has netijeli usullaryny saýlamaga we durmuşa geçirmäge, sanly görnüşdäki hyzmatlardan peýdalanylanda raýatlaryň hünär derejeleriniň ýokarlandyrylmagy özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» milli ykdysadyýetimizde sanly ulgamy ösdürmekde döredýän giň mümkinçilikleri, berýän goldawlary üçin Gahryman Arkadagymyzyň, Hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriniň elmydama rowaçlyklara beslenmegini tüýs ýürekden arzuw edýäris!

**Nurmuhammet ALLANUROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň uly mugallymy

**Kuwwatgeldi AÝMYRADOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň mugallymy

# NAGT DÄL HASAPLAŞYKLAR ULGAMY KÄMILLEŞDIRILÝÄR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen ýurdumyz sanly ulgamyň mümkinçiliklerine barha çuň aralaşýar. Döwrebap iş usulyny öz içine alýan bu ulgam bank ulgamyna hem giňden ornaşdyrylýar, elektron hasaplaşyklar ulgamynyň giňeldilmegine, bank-müşderi gatnaşyklarynyň has-da işjeňleşmegini oňaýly täsirini ýetirýär.

«Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, bu ugurda banklaryň bäsdeşligini ýokarlandyrmak babatynda netijeli işler alnyp barylýar.

Türkmenistan döwletimizde amala aşyrylýan ykdysady özgertmeleriň çäklerinde bank ulgamynyň işine döwrebap tehnologiýalar, häzirki zaman bank hyzmatlary ornaşdyrylýar. Bu bank hyzmatlarynyň içinde aýratyn hem fiziki şahslar üçin şahsy maksatlar, şahsy zerurlyklar üçin ulanylýan bank kartlary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklar möhüm orna eýedir.

Bu günki güne Türkmenistanyň karz edaralarynda nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak, pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň ýaýrawyny giňeltmek babatynda giň gerimli işler alnyp barylýar. Hususan-da bank kartlarynyň, töleg terminallarynyň, şeýle hem «Internet-bank», «Mobil-bank» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi yzygiderli artýar.

Ulag-aragatnaşyk ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy bilen hyzmatlaryň hili yzygiderli ýokarlanýar, olaryň görnüşleri artýar, üstaşyr daşalýan ýükleriň möçberleri artdyrylýar. Sanly dolandyryş ulgamlarynyň ornaşdyrylmagy ulaglaryň ähli görnüsleriniň hereketiniň hakyky wagt birliginde awtomatlaşdyrylan tertipde dolandyrylmagynda giň mümkinçilikleri açylýar.

Sanly ykdysadyýete geçmekde aragatnaşyk ulgamyny osdürmegiň çäklerinde kämil maglumat geçiriji ulgamy gurnalýar. Bu ulgam ýurdumyzda elektron söwda hyzmatlarynyň ýaýbaňlandyrylmagyna, elektron resminama dolanyşygynyň osdürilmegine, maglumat geçirijiliginiň we onümçiligiň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýär.

Bank kartyndaky hasabymyz, şol bir wagtyň özünde bu biziň elektron bank hasabymyz bolmak bilen, karz edaralary tarapyndan hödürlenilýän «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlaryndan bökdençsiz we amatly ýagdaýda peydalanyp bolýar. «Internet bank» hyzmaty dünýäde synagdan geçen tejribe bolup, bu gün ol bütin dünýäde giňden peýdalanylýan iň kämil, iň döwrebap bank hyzmatlarynyň naýbaşylarynyň hatarynda durýar. Bu sanly hyzmatlar bank amallaryny amala aşyrmakda wagty tygşytlaýar hem-de nagt pul götermek zerurlygyny aradan aýyrýar. Iň esasy artykmaç taraplarynyň biri onuň internet ulgamynyň elýeterli bolan islendik nokadyndan peýdalanyp bolýanlygydyr.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Raýatlarymyza «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly karzlaryň esasy

bergilerini gaýtarmak we olara hasaplanan göterimleri tölemek, «Altyn asyr» öýjükli aragatnaşyk, internet, IP-TV, Aşgabat şäher telefon ulgamynyň hyzmatlary üçin töleglerini, demirýol peteklериниň, şäherara ugurlarda gatnaýan awtobus peteklerini, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň teatrlarynda gurnalýan tomaşa çäreleri üçin peteklериň töleglerini, ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň degişli töleglerini, ilata edilýän jemagat hyzmatlarynyň töleglerini internet ulgamynyň üsti bilen amala aşyrmaga mümkinçilikler döredilen. Bu hyzmatlar ilatyň gymmatly wagtyny tygşytlamaga hem-de islendik wagtda we islendik ýerde bank amallaryny özbaşdak geçirmäge oňaýly şert döredýär.

«Elektron söwda» - harytlaryň we hyzmatlaryň internet ulgamynyň üsti bilen hakyky wagt tertibinde ýerlenilmegidir. «Elektron söwda» hyzmaty hem ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan durmuşa ornaşdyrylýar. Bu hyzmata islegiň artmagy netijesinde nagt däl hasaplaşyk geçirmek arkaly elektron usulda täjirçilik işini alyp barýan telekeçileriň sany günsaýyn artýar.

Häzirki wagtda döwrebap amallary ýerine ýetirýän bank kartlary durmuşymyza giňden ornaşdyrmak bilen, karz edaralary tarapyndan hem nagt däl hasaplaşyklar boýunça edilýän hyzmatlaryň ýaýrawyny giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak boýunça degişli işler dowamly alnyp barylýar.

Bu işleriň netijesinde bank kartlarynyň üsti bilen geçirilýän amallaryň jeminde nagt däl hasaplaşyklaryň paýy artýar. 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna ýurdumyz boýunça raýatlar tarapyndan bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 14 747,3 mln manada deň bolup, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 1,28 esse ýokarlandy.

**Nagt däl hasaplaşyklaryň 2021-2022-nji ýyllardaky ösüşi (mln manat)**




Ýerine ýetirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberiniň düzüminde raýatlar tarapyndan söwda terminallarynyň üsti bilen edilen amallar birinji orunda durýar. Raýatlar tarapyndan nagt däl götnüşinde edilen töleglериň yzygiderligi aşakda suratlandyrylýar:

Nagt däl hasaplaşyklaryň birnäçe amatly taraplarynyň bardygyny bellemek zerurdur.

Olaryň ilkinjisi nagt serişdeleri ýanyňda göterip ýörmezlikdir. Bank karty arkaly islendik söwda we hyzmat ediş nokatlarynda hasaplaşyk geçirip bolýarka, nagt serişdäni göterip ýörmegiň hajaty ýok.

Ikinjiden, nagt däl hasaplaşyklar howpsuzdyr. Çünki bank kartyňy ýitirmek diýmek pul serişdeleriňizi ýitirmekligi aňlatmaýar. Müşderisi bolan bankyňa ýüz tutmak arkaly ýitirilen

bank kart hasabyňyzy togtadyp, täzeden bank kartyny dikeldip bolýar.

Üçünjiden nagt däl görnüşinde geçirilen her bir bank amaly üçin ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan «Cash back» pul sylagy hödürlenilýär. Bu döwrebap bank hyzmaty raýatlaryň nagt däl hasaplaşyklardan peýdalanmaklaryny höweslendirmekden, ýagny söwda we hyzmat ediş nokatlarynda hasaplaşyklaryň bank kartlaryny ulanmak arkaly geçirilmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz döwletimiziň Milli ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmekde, türkmen halkynyň bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän, bize şeýle ajaýyp zamanamyzda netijeli işlemäge amatly şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaç alsyn.

**Sona ŞIRLIÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Lebap welaýat şahamçasynyň
Pul dolanyşygyny kadalaşdyryş bölüminiň baş hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANK HYZMATLARY BAZARYNYŇ DÖWREBAPLAŞDYRYLMAGY

Häzirki döwürde ýurdumyzyň bank ulgamyny diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak wezipesinden ugur alyp, ulgama sanly ykdysadyýeti giňden ornaşdyrmak, ilata hödürlenilýän sanly bank önümleriniň gerimini giňeltmek hem-de hilini ýokarlandyrmak boýunça netijeli çäreler amala aşyrylýar.

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, ýurdumyzda pul – karz syýasatyny alyp barmak, maliýe bazaryny düýpli ösdürmek, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, pul dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazar isleglerini kanagatlandyrmak we beýlekiler babatda anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ykdysady syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup ýurdumyzyň halk hojalygyny bazar gatnaşyklaryna geçirmek şu günüň derwaýys wezipeleriniň biridir. Milli ykdysadyýetimizi bazar gatnaşyklaryna geçirmekligiň tapgyrlaýyn amala aşyrylmagy özüniň oňyn netijesini berýär, sebäbi bazar ykdysadyýetine geçmekligiň her bir tapgyrynda anyk wezipeleriň çözülmegi meýilleşdirilýär we yzygiderlilikde durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň beýleki pudaklary bilen bir hatarda, bank ulgamyny bazar gatnaşyklaryna geçirmeklik aýratyn ähmiýete eýedir. Sebäbi, bazar ykdysadyýeti öňi bilen banklaryň öňünde täze wezipeleri goýýar. Olary üstünlikli çözmeklik köp ýagdaýda banklaryň öz müşderilerine hödürleýän hyzmatlarynyň görnüşine, hiline we ýerine ýetirýän hyzmatlary üçin alýan (hyzmat haky) tölegleriniň derejesine baglydyr.

«Başda müşderiniň islegi gelýär» ýörelgesi bank ulgamyny üstünlige eltýän ýoldur. Müşderiniň bank tarapyndan hödürlenýän hyzmatlardan hoşallygy, bankyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda, özüniň bäsdeşlerini ýeňip geçmekde hem esasy gural hasaplanylýar. Ösüşiň häzirki tapgyrynda banklaryň sanynyň artmagy, olaryň arasynda bäsdeşligiň ýokarlanmagyna getirýär. Sebäbi bazar gatnaşyklaryna geçmeklik öňi bilen hojalygy girdejili dolandyrmaklygy talap edýär. Banklar ýurdumyzyň ykdysady ösüşine özleriniň ýerine ýetirýän amallarynyň we hödürleýän hyzmatlarynyň üsti bilen täsir edýärler.

Bank hyzmatlary – bu bank işiniň netijesidir. Banklar bazarda öz müşderilerine hyzmat etmek arkaly özleriniň bazar düzgünini emele getirýärler. Täjirçilik banklarynyň häzirkizaman hyzmatlarynyň sanawy giň, görnüşleri köpdürlidir. Şol bir wagtyň özünde köp banklaryň hyzmatlarynyň birek-birege ýakyn, birgörnüşli bolmagynyň özi olaryň bäsdeşligini ýitileşdirýär. Bu bolsa banklary müşderiler bilen işlemegiň täze, has täsirli usullaryny we görnüşlerini gözlemeklige iterýär. Banklar öz ýerine ýetirýän hyzmatlarynyň möçberlerini köpeltmek we ýerlemek üçin köp ýagdaýlarda özara baglanyşykly hyzmatlaryny bir bukja birleşdirip (şol sanda, gatyşyk pudaklarda işleýän kompaniýalary çekmek bilen) goşmaça hyzmatlary ýerine ýetirýärler. Mysal üçin, müşderilere ipoteka we awtokarzlary berlende ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň, awtosalonlaryň we gurluşykçylaryň döredýän ýeňilliklerinden peýdalanmak we ş.m... Köp banklarda hususy taraplara goýumy açmak müşderilere bank kartlary bermek bilen utgaşdyrylýar, olaryň kömegi bilen müşderi özüniň puluna goýum möhletiniň (belli bir wagtyň) dowamynda ygtyýarlyk edip bilýär. Müşderileriň birnäçe toparlary, isleglerini birleşdirip, bank hyzmatlaryň toplumyny emele getirýär, olar şol çäkde karzlaryň, goýumlaryň, tölegleriň we beýleki hyzmatlaryň görnüşlerini saýlap alyp bilýärler.

Bank hyzmatlarynyň bazary ykdysady giňişlikde aýratynlygy bilen tapawutlanýar, müş-

deriler üçin bank hyzmatlarynyň islegi we teklibi çaknyşýar. Bank hyzmatlarynyň bazary maliýe bazarynyň düzüm bölegidir, şonuň üçin hem onuň esasy ösüş meýli bank ösüşine täsir edýär.

Häzirki zaman innowasion ösüşiň önümi bolan maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň banklara ornaşdyrylmagy olaryň işiniň döwrebaplaşmagyna, häzirki zaman bankynyň keşbiniň emele gelmegine, olaryň iş gurallarynyň kämilleşmegine, müşderiler bilen gatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna oňyn şert döredýär.

Bank ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy netijesinde müşderilere hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, sanly ulgamda hyzmatlaryň «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «QR kod», «Galtaşyksyz töleg» ýaly döwrebap görnüşlerini durmuşa ornaşdyrmaga ýardam berýär.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna





bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini tizleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda «Altyn asyr» bank kartynyň eýelerine öz hyzmat edýän banklarynyň internet sahypalary arkaly bank kartlaryny «Internet-bank» hyzmatyna özbaşdak birikdirip bilýär.

«Elektron söwda» - harytlaryň we hyzmatlaryň internet ulgamynyň üsti bilen hakyky wagt tertibinde ýerlenilmegidir. «Elektron söwda» hyzmaty hem ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan durmuşa ornaşdyrylýar. Bu hyzmata islegiň artmagy netijesinde nagt däl hasaplaşyk geçirmek arkaly elektron usulda täjirçilik işini alyp barýan telekeçileriň sany günsaýyn artýar.

«QR kod» hyzmaty iki ölçegli inçe çyzykly kod görnüşinde bolup, ol özünde dürli maglumatlary jemleýär we «Quick Response Code» («dessin tassyklanylýan kod») diýip düşündirilýär hem-de ykjam programma üpjünçiliginiň QR-koddaky maglumatlara çalt düşünmek we özgertmek ukybyny görkezýär.

Galtaşyksyz töleg ulgamy, degişli bank kartlarynyň ýa-da ykjam telefonlarynyň degişli töleg terminalynyň «QR kod» okaýjysynyň golaýyna tutulyp (galtaşdyrylmazdan), bir basyş arkaly PIN-kody girizmezden haryt we hyzmatlar üçin ýerine ýetirilýän tölegiň görnüşi hasaplanylýar.

